# MAKUL HABAR

atawatanhabar@gmail.com | ATAVATAN TÜRKMENISTAN | SENTÝABR AÝYNYŇ 6-sy, 2025. №34


# TÜRKMENISTAN-HYTAÝ: STRATEGIK HYZMATDAŞLYGYŇ BERK BINÝADY DÖREDILDI



Güýz paslynyň ilkinji günleri Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň syýasy, söwda-ykdydasy hem-de medeni-ynsanperwer durmuşynda taryhy wakalaryň hepdesi boldy. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Hytaý Halk Respublikasyna amala aşyran 4 günlük sapary, türkmen halkynyň Milli Lideriniziň ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamynda ilkinji gezek döwlete dahylsyz pudagyň iri bilim ojagy bolan Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň açylyş dabarasyna gatnaşmagy, şeýle hem Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewanyň ýolbaşçylygyndaky ýurdumyzyň zenanlar wekiliýetiniň Hytaý Halk Respublikasyna amala aşyran sapary güýz paslynyň ilkinji günlerinde ýurdumyzyň ýylýazgysynyň möhüm wakalaryna öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň 4 günlük Hytaý Halk Respublikasynyň Týanszin hem-de Pekin şäherlerine amala aşyran sapary türkmen-hytaý strategik hyzmatdaşlygyň taryhynda täze döwrüň başlangyjy boldy. Týanszin şäherinde üstünlikli geçen Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sammiti diňe bir bu guramanyň çäginde köptaraplaýyn hyzmatdaşlyga itergi berýän iri diplomatik çäre bolman, eýsem, gyzyklanma bildirýän taraplar bilen netijeli gepleşikleri geçirmek, anyk teklipdir başlangyçlary ara alyp maslahatlaşmak üçin hem amatly pursat boldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sammitiň öňüsyrasynda Hytaýyň iň iri we abraýly neşiri hasaplanýan «Žemin Žibao» gazetinde çap edilen makalasynda: «Häzirki döwürde Türkmenistan bilen Hytaý hakyky dostlar, öz döwletleriniň, bütin adamzadyň ösüşiniň örän möhüm meselelerini çözmekde ygtybarly hyzmatdaşlar hem-de pikirdeşler bolup durýarlar. Biziň öňümizde duran ähli wezipeleri bilelikde ýerine ýetirjekdigimize berk ynanýaryn» diýip belledi. Şoňa görä, döwlet Baştutanymyzyň «ŞHG+» formatynda guralan ýokary derejeli sammite hormatly myhman hökmünde gatnaşmagy, Pekinde Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpin bilen duşuşmagy, ýurdumyzyň wekiliýetiniň agzalarynyň hytaýly kärdeşleri bilen ikitaraplaýyn gepleşikleri geçirmegi taryhy wakalaryň biri boldy.

Saparyň çäklerinde döwlet Baştutanymyz Hytaýyň Halk ýygnaklar öýüne bardy. Bu ýerde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň arasynda resmi duşuşyk geçirildi. Bu duşuşykda iki ýurduň arasyndaky syýasy, söwda-ykdysayd we medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň giň toplumy ara alnyp maslahatlaşyldy.

Gaz pudagy ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň strategik ugrudyr. 15 ýyldan gowrak wagt bäri üstünlikli hereket edýän Türkmenistan – Hytaý gaz geçirijisi türkmen-hytaý ykdysady hyzmatdaşlygynyň aýdyň mysallarynyň biridir. Häzirki günde ýurtlarymyz gaz ulgamyndaky hyzmatdaşlygy giňeltmegiň üstünde işleýärler we bu babatda anyk netijeler gazanylýar. Hormatly Prezidentimiz iri “Galkynyş” gaz käniniň dördünji tapgyryny özleşdirmek boýunça geçirilen halkara bäsleşikde hytaý tarapynyň ýeňiji bolandygyny aýtdy we Başlyk Si Szinpini bu waka bilen gutlady. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz Türkmenistan bilen Hytaýyň arasynda gaz hyzmatdaşlygynyň esasy ýörelgeleri hakynda Baş ylalaşygyň taslamasynyň taýýarlanylandygyny aýtdy we geljekde bu hyzmatdaşlygyň Baş ylalaşykdaky ýörelgeler esasynda ösdüriljekdigini nygtady.

Hormatly Prezidentimiziň Hytaý Halk Respublikasyna saparynyň çäklerinde türkmen wekiliýetiniň agzalarynyň hytaý tarapynyň wekilleri bilen ikitaraplaýyn duşuşyklary geçirildi. Olarda dürli ulgamlarda hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

## IKITARAPLAÝYN RESMINAMALARA GOL ÇEKILDI

Duşuşyklaryň netijeleri boýunça ikitaraplaýyn resminamalara gol çekildi.

**Şolaryň hatarynda:**

- *Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty bilen Lançžou uniwersitetiniň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama;*
- *Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Milli intellektual eýeçilik boýunça edarasynyň arasynda intellektual eýeçilik babatda hyzmatdaşlyk barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama;*
- *Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Şekillendiriş sungaty muzeýi bilen Hytaýyň Milli muzeýiniň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama;*
- *“Altyn asyr” elektron gazetiniň redaksiýasy (Türkmenistan) bilen “Žemin Žibao” neşiriniň (Hytaý Halk Respublikasy) arasynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama bar.*

Şeýle hem hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hytaý Halk Respublikasyna saparynyň çäklerinde HHR-iň Başlygy Si Szinpiniň çakylygy boýunça Ikinji jahan urşunda gazanylan ýeňşiň 80 ýyllygynyň hormatyna Pekinde geçirilen dabaraly çärelere gatnaşdy.

Umuman, hormatly Prezidentimiziň HHR-e amala aşyran sapary türkmen-hytaý gatnaşyklaryny ösdürmekde möhüm ädim bolup, onuň strategik häsiýetini tassyklady.

## “MAKUL IŇLISÇE–TÜRKMENÇE SÖZLÜK” AMERIKADA NEŞIR EDILDI WE “AMAZON” PLATFORMASYNDA SATUWA ÇYKARYLDY

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 34 ýyllygyna hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň ýubileý 30 ýyllygyna gabatlanyp, çapa taýýarlanan “Makul iňlisçe–türkmençe sözlük” Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda neşir edilip, häzirki wagtda “Amazon” platformasynda satuwa çykaryldy. Kitaby bu linkden satyn alyp bilersiňiz https://www.amazon.com/dp/B0FQ1D2KRN

### GIŇ GERIMLI SÖZLÜK – 16 500 SÖZ, ÝÖRITE ADALGALAR

Täze sözlük jemi 16 500 iňlis dilindäki sözleri we olaryň on müňlerçe türkmen dilindäki terjimelerini özünde jemleýär. Ol diňe umumy sözler bilen çäklenmän, hukuk, işewürlik, lukmançylyk, sport, emeli intellekt ýaly ugurlardaky ýöriteleşdirilen adalgalary hem öz içine alýar.Bu neşir dürli toparlar üçin peýdaly gollanma bolup hyzmat eder: okuwçylar, talyplar, terjimeçiler, hukukçylar, ykdysadyýetçiler, lukmanlar, IT hünärmenler we halkara gatnaşyklary bilen meşgullanýan ähli okyjylar üçin giň mümkinçilikleri açýar. Kitabyň awtory we baş redaktory Dr. Döwran Orazgylyjow bolup durýar. ●2




## Ýurdumyzda güýzlük bugdaý ekişine girişildi



Türkmenistanda güýzlük bugdaý ekişine girişildi. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ak pata bermegi bilen, bu möhüm oba hojalyk möwsümi ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda birbada badalga aldy. ●3

## “Daragt” çeper filmi Kazan halkara kinofestiwalynda görkezildi




Tatarystan Respublikasynyň paýtagty Kazan şäherinde «Altyn minbar» atly 21-nji Kazan halkara kinofestiwaly öz işine başlady. Bu abraýly kinofestiwalda Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň iki çeper filmi – «Daragt» filmi bilen bir hatarda türkmen-özbek bilelikdäki «Magtymguly Pyragy» çeper filmi görkeziliýär. ●4

## Owganystana ynsanperwerlik kömegi iberildi



Dünýä paýtagtymyzyň Halkara howa menzilinden Owganystanyň ýertitremeden ejir çeken çagalaryna we ýaşaýjylaryna ynsanperwerlik kömegi ugradyldy. Munuň özi ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda türkmen halkynyň dünýä nusgalyk asylly ýörelgeleriniň häzirki döwrüň ruhuna kybap derejede dowam etdirilýändiginiň nobatdaky beýanydyr. ●6

# TÜRKMEN TELEKEÇILERI 28 MILLIARD DOLLARLYK 5300-DEN GOWRAK TASLAMANY DURMUŞA GEÇIRDI



Türkmen telekeçileri tarapyndan ýurdumyzda 97 milliard manada golaý ýa-da 28 milliard amerikan dollaryna golaý 5 müň 300-den gowrak taslama üstünlikli durmuşa geçirildi. Bu barada türkmen halkynyň Milli Lideri Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň açylyş dabarasynda eden çykyşyndan belläp geçdi.

Milli Liderimiz telekeçileriň gazanýan üstünlikleri barada şeýle diýdi:

– Ykdysadyýetiň hususy pudagyny goldamak we ösdürmek biziň döwletimiziň durmuş-ykdysady ösüşiniň möhüm ugry bolup durýar. Garaşsyz ýurdumyzda hususy pudaga hemmetaraplaýyn goldaw berilýär. Kiçi we orta telekeçilik işi yzygiderli ösdürilýär. 2008-nji ýylda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň, 2010-njy ýylda telekeçileriň «Rysgal» gazetiniň, 2011-nji ýylda «Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankynyň, 2012-nji ýylda bolsa Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň döredilmegi Diýarymyzda hususy pudagy ösdürmegiň ýolunda möhüm ädimler boldy. 2011-nji we 2014-nji ýyllarda ýurdumyzyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň edara binalary hem gurlup ulanmaga berildi.

Ilkibaşda türkmen telekeçileriniň ýöredýän kärhanalary kuwwatlylygy kiçiräk, ýönekeýje kärhanalardy. Döwletimiziň berýän hemaýat-goldawlaryny netijeli peýdalanyp, bu günki gün şol kiçi kärhanalar uly kuwwatly önümçilige öwrüldi. Olar dünýä ölçeglerine laýyk gelýän, bäsdeşlige ukyply önümleri öndürýärler. Ýurdumyzda şeýle kuwwatly kärhanalaryň sany ýylsaýyn artýar.

Häzirki wagtda Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň 29 müňden gowrak agzasy bar. Olar ýurdumyzda kabul edilen milli maksatnamalary durmuşa geçirmekde uly işleri alyp barýarlar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň ykdysady taýdan rowaçlygyny, ägirt uly mümkinçiligini görkezýän Arkadag şäheriniň gurluşygyna hem birleşmäniň agzalary mynasyp goşant goşýarlar. «Akylly» şäheriň birinji tapgyrynda birleşmäniň agzalarynyň gatnaşmagynda jemi bahasy 11 milliard 500 million manada golaý bolan 337 sany desga gurlup ulanmaga berildi. Onuň ikinji tapgyrynda birleşmäniň agzalarynyň gatnaşmagynda jemi bahasy 3 milliard 400 million manada golaý bolan 120 sany desganyň gurluşyk işleri alnyp barylýar.

Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary jemi bahasy 2 milliard 300 million amerikan dollaryna deň bolan, umumy uzynlygy 600 kilometre ýetýän Aşgabat – Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň gurluşygyny hem ýerine ýetirdiler. Häzirki günde bu döwrebap ýoluň gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda dowam edýär.

Umuman, birleşme döredilen wagtyndan bäri onuň agzalary tarapyndan 97 milliard manada golaý ýa-da 28 milliard amerikan dollaryna golaý 5 müň 300-den gowrak taslama üstünlikli durmuşa geçirildi. 425 müňe golaý iş orny döredildi. Munuň özi «Telekeçiler ýurdumyzyň altyn hazynasydyr» şygarynyň üstünlikli amala aşyrylýandygyny görkezýär.



# TÜRKMENISTANYŇ ZÄHMET BAZARY ÖSDÜRILER

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi. Mejlisde Mejlisiň Başlygynyň hem-de Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň hasabatlary diňlenildi.

### ÝURDUMYZYŇ ZÄHMET BAZARY ÖSDÜRILER

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow "Türkmenistanyň zähmet bazaryny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň Konsepsiýasynyň" hem-de bu Konsepsiýany amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasynyň taslamalary barada hasabat berdi. Resminama laýyklykda, ilatyň iş bilen üpjünçiligini gowulandyrmak, halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryndan ugur alyp, bu ulgamyň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek, sanly hyzmatlaryň gerimini giňeltmek boýunça birnäçe çäreleri durmuşa geçirmek bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda zähmet bazaryny ösdürmäge uly ähmiýet berilýändigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz zähmet bazaryny mundan beýläk-de kämilleşdirmek maksady bilen, "Türkmenistanyň zähmet bazaryny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň Konsepsiýasyny tassyklamak hakynda" Karara gol çekdi we ony sanly ulgam arkaly wise-premýere iberip, degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow "Türkmennebit" döwlet konserniniň nebiti gaýtadan işleýän zawodlarynyň önümçiligini has-da döwrebaplaşdyrmak, olarda täze önümçilikleri ýola goýmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda konserniň garamagyndaky zawodlary doly kuwwatynda işletmek, hususan-da, Seýdiniň nebiti gaýtadan işleýän zawodynyň önümçilik desgalarynyň bökdençsiz işlemegini üpjün etmek üçin netijeli çäreler görülýär. ●2

### PAGTA ÝYGYMYNA BADALGA BERLER

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew oba hojalyk pudagynda we welaýatlarda alnyp barylýan möwsümleýin işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, oba hojalygynda örän möhüm we jogapkärli möwsüm bolan pagta ýygymynyň ýetip gelendigini aýtdy. Arkadagly Gahryman Serdarymyz bu möhüm çäräni guramaçylykly geçirmek maksady bilen, ýurdumyzyň welaýatlarynda 10-njy sentýabrda pagta ýygymyna başlamaga ak pata berdi we hormatly ýaşululardan pagta ýygymyny "bismilla" bilen başlap bermeklerini haýyş etdi. Hormatly Prezidentimiz edermen pagtaçylara, ähli oba hojalyk işgärlerine alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Ministrler Kabinetiniň mejlisinde ýurdumyzda täze senagat kärhanalaryny gurmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berildi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda bir gije-gündiziň dowamynda 100 tonna çüýşe önümlerini öndürýän önümhananyň gurluşyk-gurnama işleri ýerine ýetirildi.

### TÜRKMENISTAN «HALAL EXPO 2025» SERGISINE GATNAŞAR

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Atagulyýew şu ýylyň noýabrynda Türkiýe Respublikasynyň Stambul şäherinde geçiriljek «Halal Expo 2025» atly halkara sergä Türkmenistanyň milli pawilýony bilen gatnaşmagy boýunça alnyp barylýan taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Bu iri möçberli sergä ýurdumyzyň oba hojalyk, azyk, dokma, plastik önümleri we beýleki eksport ugurly harytlary öndürýän, ulag, logistika, syýahatçylyk ulgamlarynda hyzmat işlerini amala aşyrýan telekeçileriň gatnaşmagy göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygyndaky Hökümet wekiliýetiniň Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sammitine hem-de Ýeňşiň 80 ýyllygyna bagyşlanan dabaralara gatnaşmak maksady bilen, Hytaý Halk Respublikasynyň Týanszin we Pekin şäherlerine amala aşyran iş saparynyň netijeleri barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Çakyýew milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryny sanlylaşdyrmak we döwrebap çözgütlere esaslanýan innowasion tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere seredildi we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

# "MAKUL IŇLISÇE–TÜRKMENÇE SÖZLÜK" AMERIKADA NEŞIR EDILDI WE "AMAZON" PLATFORMASYNDA SATUWA ÇYKARYLDY

Başlangyjy 1-nji sahypada.

### REDAKSIÝA KOLLEGIÝASY WE DIZAÝN TOPARY

Sözlügi taýýarlanylmagyna birnäçe alymlar we hünärmenler gatnaşdy. Redaksiýa kollegiýasy şu adamlardan ybaratdyr:

**Amangeldi Baýgeldiýew** – filosofiýa ylymlarynyň kandidaty

**Azat Nazarow** – dilçi alym

**Şamil Roznazarow** – "Makul Hyzmat" terjime merkeziniň direktory

**Döwran Orazgylyjow** – hukuk ylymlarynyň doktory, awtor we baş redaktor



Kitabyň kompýuter dizaýn işleri hem ýaş hünärmen **Ysmaýyl Orazgylyjow** tarapyndan ýerine ýetirildi.

Neşiriň taýýarlanylmagy "Makul Hyzmat" Terjime Merkezi tarapyndan goldanyldy.

### HALKARA ÝOKARY BAHA

Sözlügiň girişi boýunça dünýäniň öňdebaryjy alymlary we ýolbaşçylary öz beýanatlary bilen çykyş etdiler. Olar – S. Frederik Starr (Amerikanyň Daşary syýasat geňeşinde Ýewraziýa boýunça alym, Jon Hopkins uniwersitetiniň professory) bu sözlügiň "Türkmen diliniň halkara derejesinde öz mynasyp ornuny almagyna" mümkinçilik berýändigini belläp, ony "diller arasyndaky möhüm köpri" hökmünde häsiýetlendirdi.

Erik Stýuart (ABŞ–Türkmenistan işewürlik geňeşiniň ýerine ýetiriji direktory) bolsa: "Açyk aragatnaşyk söwda we maýa goýumlaryň esasynda durýar. Bu kitap ýurtlarymyzyň arasyndaky uzakmöhletleýin hyzmatdaşlygyň giňelmegine hyzmat eder" diýip belledi.

### "AMAZON" PLATFORMASYNDA SATUWA ÇYKARYLDY

"Makul Sözlük" häzirki wagtda "Amazon" saýtynda satuwa çykaryldy we aşakdaky baglanyşyk arkaly satyn alyp bolýar:

▶ Amazon – Makul English–Turkmen Dictionary https://www.amazon.com/dp/B0FQ1D2KRN

### SANLY MÜMKINÇILIKLER

Sözlük diňe çap görnüşinde däl, eýsem www.makulsozluk.com web sahypasynda we mobil goşundylarda hem elýeterlidir. Ulanyjylar iňlis we türkmen sözleriniň ses ýazgylaryny diňläp bilerler, şeýle hem çagalar üçin oýunly sözlük, suratly sözlük, ýüzlerçe gepleşik nusgalary, nakyllar, suffiksler, prefiksler we idiomalar bilen tanşyp bilerler.

### DIL DIPLOMATIÝASYNYŇ TÄZE BASGANÇAGY

"Makul Sözlük" diňe bir ylmy çeşme däl, eýsem Türkmenistan bilen Amerikanyň arasyndaky medeni, ykdysady we diplomatik gatnaşyklarda täze dil köprüsi bolup hyzmat etmegi maksat edinýär. Kitabyň awtory we baş redaktory hukuk ylymlarynyň doktory, UC Dawis uniwersitetiniň magistri Dr. Döwran Orazgylyjow bu işiň "Amerikan halkynyň türkmen dilini öwrenmegine, türkmen halkynyň bolsa iňlis dilini kämilleşdirmegine" hyzmat etjekdigini belledi.

# TÜRKMENISTANYŇ WE HYTAÝYŇ GAZNALARYNYŇ ARASYNDA ÄHTNAMA GOL ÇEKILDI

Hanym Li Bin Oguljahan Atabaýewany Sun Sinlin adyndaky gaznanyň adyndan mähirli mübärekläp, çakylygy kabul edendigi üçin hoşallygyny beýan etdi hem-de şu gezekki saparyň gyzyklanma bildirilýän ähli ugurlar, şol sanda bilim we çagalaryň saglygyny goramak ulgamlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmäge itergi berjekdigine ynam bildirdi.

Sun Sinlin adyndaky gaznanyň başlygy hytaý we türkmen halklarynyň gadym döwürlerden bäri dostlukly gatnaşyklary saklap gelýändiklerini aýtdy we 2023-nji ýylda Gahryman Arkadagymyzyň "Bir guşak, bir ýol" sammitine gatnaşmagynyň, hormatly Prezidentimiziň "Merkezi Aziýa – Hytaý" sammitlerine gatnaşmagynyň, olaryň çäklerinde HHR-iň Başlygy Si Szinpin bilen geçiren duşuşyklarynyň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmekdäki möhüm ähmiýetini aýratyn belledi.

Oguljahan Atabaýewa hanym Sun Sinliniň şahsyýet hökmünde ýerine ýetiren işleriniň özünde uly täsir galdyrýandygyny aýdyp, ýurtlaryň we halklaryň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň ilerledilmeginiň, parahatçylygy saklamagyň türkmen hem-de hytaý halklaryna mahsus ýörelgelerdigini nygtady. Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, Hytaý Türkmenistanyň ýakyn hyzmatdaşlarynyň biri bolup durýar. Ýurtlarymyz syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda üstünlikli hyzmatdaşlyk edýärler. Şunuň bilen baglylykda, iki gaznanyň hyzmatdaşlygy arkaly türkmen-hytaý ynsanperwer gatnaşyklaryny täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmak üçin mümkinçilikleriň bardygyna ynam bildirildi.

"Sun Sinlin adyndaky gazna halkara gatnaşyklary ilerletmekden başga-da, zenanlaryň we çagalaryň saglygyny goramaga aýratyn üns berýär, medeniýeti wagyz etmek, ylym-bilim gatnaşyklaryny pugtalandyrmak ugrunda çykyş edýär. Bu ugurlaryň köpüsi biziň üçin hem örän möhümdir. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda gaznamyzyň alyp barýan işi adamyň saglygyny we ösüşini ileri tutup, munuň üçin amatly şertleri döretmäge gönükdirilendir" diýip, Oguljahan Atabaýewa aýtdy we şu ýylyň 29-njy martynda gaznanyň döredilmeginiň dört ýyllygy mynasybetli Arkadag şäherinde «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: çagalaryň hatyrasyna halkara işiniň ösüşi» atly halkara maslahatyň geçirilendigini belledi. Bu maslahata hanym Şen Beiliniň ýolbaşçylygyndaky Sun Sinlin adyndaky gaznanyň wekilýeti hem gatnaşdy. Forumyň dowamynda halkara ynsanperwer hyzmatdaşlygy, hususan-da, eneligi we çagalygy goramak ulgamynda özara hereketleri ösdürmek boýunça pikir alşyldy.




> *Ýurdumyzyň wekiliýetiniň HHR-e saparynyň çäklerinde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa bilen Hytaýyň Sun Sinlin adyndaky gaznasynyň başlygy hanym Li Biniň arasynda duşuşyk geçirildi. O.Atabaýewa Hytaýa gelmäge çakylyk, şeýle hem bildirilen myhmansöýerlik üçin minnetdarlygyny beýan edip, geljek üçin anyk taslamalary ara alyp maslahatlaşmak, Sun Sinlin adyndaky gaznasynyň işi bilen ýakyndan tanyşmak üçin dörän mümkinçilige kanagatlanma bildirdi.*

Hanym Li Bin bu halkara forumyň ähmiýetini nygtap, hytaý tarapyna türkmen topragynda bildirilen myhmansöýerlik üçin tüýs ýürekden hoşallygyny beýan etdi.

Duşuşykda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň işi hem-de onuň döredilen gününden bäri saglygy goraýyş, durmuş üpjünçiligi, ylym we bilim ulgamlarynda köp netijeli maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilendigi barada bellenildi. Gazna lukmançylyk bejergisine mätäç, şeýle hem ene-atasynyň howandarlygyndan jyda düşen çagalara kömek bermäge aýratyn üns berýär. Çünki ösüp gelýän nesliň saglygy we abadançylygy baradaky alada durnukly geljegiň kepilidir. Oguljahan Atabaýewa gaznanyň öz işini mundan beýläk-de kämilleşdirmegi maksat edinýändigini we tejribe alyşmaga gyzyklanma bildirýändigini aýdyp, türkmen tarapynyň durmuş ugurly taslamalara seretmäge taýýardygyny tassyklady.

Hanym Li Bin ýaş nesliň saglygyny goramaga, olara ýokary hilli inklýuziw bilim almak üçin mümkinçilikleri döretmäge gönükdirilen bilelikdäki taslamalar arkaly iki gaznanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň jemgyýetde abadançylygy pugtalandyrmaga ýardam berjekdigine ynam bildirdi.

Soňra Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy bilen Hytaýyň Sun Sinlin adyndaky gaznasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi.

# OGULJAHAN ATABAÝEWA HYTAÝYŇ BILIM MINISTRI BILEN DUŞUŞDY

Ýakynda zenanlardan ybarat türkmen wekiliýeti Hytaý Halk Respublikasynda saparda boldy. Saparyň çäklerinde ýurdumyzyň wekiliýetiniň agzalary birnäçe duşuşyklary geçirdiler hem-de hytaý halkynyň milli medeniýeti bilen tanyşdylar. Munuň özi Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky medeni gatnaşyklaryň täze derejä çykarylýandygynyň nobatdaky beýany boldy.

Türkmen wekiliýetiniň Hytaýa saparynyň birinji gününde wekiliýetiň ýolbaşçysy, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa Hytaý Halk Respublikasynyň bilim ministri Huaý Szinpen bilen duşuşdy.

Oguljahan Atabaýewa bildirilen myhmansöýerlik üçin minnetdarlygyny beýan edip, bilim ulgamynyň Türkmenistan üçin örän möhüm ugur bolup durýandygyny, çünki onuň islendik jemgyýetiň ösüşi bilen gönüden-göni baglanyşyklydygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, ylym-bilim ulgamynda türkmen-hytaý gatnaşyklaryny mundan beýläk-de giňeltmegiň meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga dörän mümkinçilige kanagatlanma bildirildi. Duşuşykda Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda syýasy, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlardaky gatnaşyklaryň depginli ösdürilýändigine üns çekilip, ýokary derejedäki syýasy dialogyň yzygiderli we ynanyşykly häsiýeti aýratyn nygtaldy.

O.Atabaýewa Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işi barada aýdyp, bu düzümiň lukmançylyk hyzmatlaryny bermek bilen bir hatarda, çagalaryň mekdebe çenli ýaşdan başlap ýokary hilli we inklýuziw bilim almagyna-da ýardam berýändigini belledi. Gazna ýaş nesli hemmetaraplaýyn goldamak, olaryň bagtyýar durmuşy üçin amatly şertleri döretmek, howandarlyga mätäç çagalaryň saglygyny dikeltmäge ýardam bermek maksady bilen, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy boýunça 2021-nji ýylda döredildi. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda bu düzümiň alyp barýan işiniň gerimini giňeltmek, hususan-da, bilim ulgamynda işlemek mümkinçiligine seretmek meýilleşdirilýär. Şunda Hytaýyň mümkinçiligi çäkli çagalara bilim bermek ulgamynyň işine gyzyklanma bildirildi.



Nygtalyşy ýaly, Hytaýyň bilim ulgamy dünýäde öňdebaryjylaryň biridir. Türkmen talyplary HHR-de bilim alýarlar, Türkmenistanyň ýokary we orta mekdeplerinde bolsa hytaý dili öwredilýär. Şunuň bilen baglylykda, hytaý tarapynyň wekili Türkmenistanda bilim ulgamynyň ösdürilmegine möhüm ähmiýet berilýändigini belläp, akademiki alyşmalary mundan beýläk-de pugtalandyrmaga, türkmen talyplary üçin bilim maksatnamalarynyň gerimini giňeltmäge taýýardygyny tassyklady. Şeýle hem duşuşygyň dowamynda bilim, ylym ugry boýunça ýola goýlan hyzmatdaşlygyň netijeli ösdürilýändigi, iki ýurduň ýokary okuw mekdepleriniň, ylmy-barlag merkezleriniň arasynda dialogyň pugtalandyrylýandygy kanagatlanma bilen bellenildi. Mundan başga-da, Oguljahan Atabaýewa mümkinçiligi çäkli çagalara ýörite we inklýuziw bilim bermegi kämilleşdirmekde Hytaýyň tejribesini öwrenmäge gyzyklanmasyny beýan etdi. Şunuň bilen baglylykda, çagalaryň ýagty geljeginiň bähbidine bu ugurda hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmaga taýýarlyk tassyklanyldy.

HHR-iň bilim ministri gaznanyň başlangyçlaryny doly goldaýandygyny aýdyp, inklýuziw bilim, mümkinçiligi çäkli çagalaryň jemgyýete goşulyşmagyna gönükdirilen usulyýetleri we maksatnamalary alyşmak meseleleri boýunça giňişleýin dialoga taýýardygyny mälim etdi.

# ÝURDUMYZDA GÜÝZLÜK BUGDAÝ EKIŞINE GIRIŞILDI

Türkmenistanda güýzlük bugdaý ekişine girişildi. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ak pata bermegi bilen, bu möhüm oba hojalyk möwsümi ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda birbada badalga aldy.

Döwlet Baştutanymyzyň 29-njy awgustda sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde belleýşi ýaly, oba hojalyk pudagynda geçirilýän düýpli özgertmeler ýokary hilli oba hojalyk önümleriniň möçberini artdyrmaga, azyk bolçulygyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Hormatly Prezidentimiz gallaçylar üçin möhüm we jogapkärli möwsüm bolan bugdaý ekişiniň ýetip gelendigini aýdyp, ekişi agrotehniki möhletlerde, guramaçylykly geçirmegiň wajypdygyna ünsi çekdi. Şunuň bilen baglylykda, Arkadagly Gahryman Serdarymyz Diýarymyzda 3-nji sentýabrda bugdaý ekişine girişmäge ak pata berip, zähmetsöýer gallaçylara, ähli oba hojalyk işgärlerine alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.



### WELAÝATLAR BOÝUNÇA BUGDAÝ EKIŞI BARADA...

Ahal welaýatynda täze ýylyň hasyly üçin welaýat boýunça 195 müň gektarda güýzlük däne ekmek we şol ýerden 400 müň tonna hasyl almak meýilleşdirilýär. Möwsümde welaýat «Obahyzmat» önümçilik birleşiginiň ýerlerdäki önümçilik kärhanalarynyň ekiji tehnikalarynyň 320-den gowragynyň, daýhan hojalyklarynyň tehnikalarynyň onlarçasynyň hyzmatyndan peýdalanylar.

Şu ýyl Balkan welaýatynda «Alekseiç» we «Bezostaýa – 100» bugdaý tohumlary ekiler. Welaýat boýunça ýeterlik möçberdäki güýzlük bugdaý tohumlary irgözinden taýýarlanyp, etraplara paýlanyldy. Şu ýyl sebitde 50 müň gektar meýdana bugdaý tohumy ekilip, ondan 80 müň tonna guşgursak däne hasylyny ýygnamak göz öňünde tutulýar.

Daşoguz welaýaty boýunça ekiş geçirilýän 145 müň gektar meýdandan geljek ýylda 265 müň tonna bugdaý öndürmek göz öňünde tutulýar. Şunda dürli kysymly traktorlaryň 2300-si, ekiji tehnikalaryň hem 500-den gowragy bökdençsiz işlediler. Welaýatyň etraplardaky tehniki hyzmat edişi kärhanalarynda iş gurallary ýeterlik derejede taýýar edildi. Ekişi guramaçylykly geçirmek üçin welaýat boýunça ýörite toparlar döredildi, olar ähli zerur enjamlar we serişdeler bilen üpjün edildi.

Lebap welaýatynda 130 müň gektar meýdana bugdaý ekmek hem-de bu ýerden 310 müň tonna hasyl almak göz öňünde tutulýar. Möwsümde bugdaý ekiji kämil tehnikalaryň 300-den gowragy işlediler. Welaýatda bugdaýyň «Bagtyýarlyk», «Sährayý», «Berkarar», «Alekseiç», «Bezostaýa – 100», «Batko» hem-de «Kalym» ýaly sortlary ekiler.

Möwsümde Murgap jülgesindäki Mary welaýatynda 170 müň gektar meýdana güýzlük bugdaý ekiler. Welaýat boýunça gallaekişine ekiji enjamlaryň 270-den gowragy çykarylar. Ekişiň irki möhletlerde we ýokary hilli geçirilmegi maryly gallaçylara Watan harmanyna azyklyk gallanyň 345 müň tonnasyny tabşyrmak baradaky borçlaryna abraý bilen hötde gelmäge mümkinçilik berer.

atawatanhabar@gmail.com



# “DARAGT” ÇEPER FILMI KAZAN HALKARA KINOFESTIWALYNDA GÖRKEZILDI




Tatarystan Respublikasynyň paýtagty Kazan şäherinde «Altyn minbar» atly 21-nji Kazan halkara kinofestiwaly öz işine başlady. Bu abraýly kinofestiwalda Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň iki çeper filmi – «Daragt» filmi bilen bir hatarda türkmen-özbek bilelikdäki «Magtymguly Pyragy» çeper filmi görkezilýär.

Türkmenistanly režissýor Sahysalyh Baýramowyň «Daragt» (2023 ý.) atly çeper filmi Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 80 ýyllygyna bagyşlanyp surata düşürilen hem-de birnäçe halkara kinofestiwallaryna gatnaşan filmleriň biridir.

Kazandaky kinofestiwalyň başlanan ilkinji güni "Daragt" çeper filmi şäheriň "Mir" kinoteatrynda Tatarystanyň ýaşaýjylaryna hem-de onuň myhmanlaryna görkezildi.

Kinofestiwala gatnaşýan türkmenistanly režissýor Sahysalyh Baýramow bilen çeper filmiň görkezilişiniň öňüsyrasynda döredijilik duşuşygy geçirildi. Sahysalyh Baýramow kinomuşdaklaryna hormatly Prezidentimiziň hem-de türkmen halkynyň Milli Lideriniň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda kino sungatynyň düýpgöter ösdürilýändigini, her ýyl köp sanly çeper we dokumental filmleriň surata düşürilýändigini belledi.

Şeýle hem geljek ýyl Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň döredilmegine 100 ýyl dolýandygyny belläp, geçen döwürde dürli görnüşdäki filmleriň surata düşürilip, köp sanly baýrakly orunlaryň eýelenendigini bellän türkmen režissýory şol bir wagtda özüniň surata düşüren "Daragt" çeper filmi barada hem gyzykly gürrüň berdi.

“Daragt” çeper filmi hakyky wakalardan esaslanyp, surata düşürilen kino eseridir. Onda filmiň baş keşbi Näzigiň ykbaly barada gürrüň edilýär. Näzigiň adamsy meýletin fronta gidýär, ol bolsa uzak ýyllaryň dowamynda onuň dolanyp gelmegine garaşýar. Adamsy gitmezinden öň eken agajy gurap galsa-da, Näzik ony suwarmagy dowam etdirýär we ýagty geljege bolan ynamyny ýitirmeýär.

Şeýle giň göwrümli çeper filmleriň Türkmenistanda döwletimizde yzygiderli surata düşürilmegi hem-de onuň halkara kinofestiwallaryna gatnaşdyrylmagy türkmen kino sungatynyň dünýädäki abraýynyň barha beýgelýändiginiň nobatdaky subutnamasydyr. Üstümizdäki ýylda Kazan şäherinde geçirilýän «Altyn minbar» atly 21-nji Kazan halkara kinofestiwaly giň gerimde geçirilýär. Onuň açylyş we ýapylyş dabaralary Kamala teatrynyň täze binasynda geçirilýär.

21-nji Kazan halkara kinofestiwaly üçin 67 döwletden 845 ýüz tutma kabul edildi. Festiwalyň guramaçylarynyň bellemegine görä, festiwalyň çäklerinde Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Türkiýäniň hem-de Afrikanyň kino günleri geçiriler.



# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI "ŞHG+" FORMATYNDAKY SAMMITDE ÇYKYŞ ETDI

Ozal habar berşimiz ýaly, şu gün Hytaýyň demirgazygynda ýerleşýän port şäheri Týanszinde Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisi geçirildi. Onuň gününiň ikinji ýarymynda «ŞHG+» formatynda guralan ýokary derejeli duşuşygyna hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem hormatly myhman hökmünde gatnaşyp, çuň manyly çykyş etdi. Bu barada “Türkmenistan” gazeti habar berýär.

Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň nobatdaky sammitiniň «ŞHG+» formatyndaky mejlisine 20-den gowrak ýurduň döwlet we hökümet Baştutanlary, halkara guramalaryň 10-synyň ýolbaşçylary gatnaşdylar. Kesgitlenen gün tertibine laýyklykda, duşuşyga gatnaşyjylar ileri tutulýan ugurlarda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy giňeltmäge we ŞHG-niň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmäge degişli meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sammitde eden çykyşynda Türkmenistanyň Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyna uly hormat bilen garaýandygyny we onuň alyp barýan işine üns hem-de ak ýüreklilik bilen syn edýändigini aýtdy. Biziň ýurdumyz guramanyň yklym we ählumumy proseslerdäki döredijilikli ornuny, onuň häzirki zaman dünýä gurluşynyň adalatly, deňeçer ulgamynyň kemala getirilmegine goşýan goşandyny ykrar edýär.

Döwlet Baştutanymyz ykdysady ulgamyň Türkmenistanyň bu gurama bilen gatnaşyklarynda kesgitleýji ugur hasaplanýandygyny belläp, şunda ulag, logistika, kommunikasiýalar, energetika, söwda, senagat kooperasiýasy ýaly pudaklary ileri tutulýan ugurlar hökmünde görkezdi.




Ulag ulgamy barada aýdylanda, bu ugurdaky taslamalar Aziýa – Ýuwaş umman sebiti, Merkezi we Günorta Aziýa, Russiýa, Orta we Ýakyn Gündogar ýaly iri hem-de depginli ösýän ykdysady zolaklary öz içine alýan, Ýuwaş ummandan Baltika deňzine çenli uzaýan bitewi geoykdysady giňişligi kemala getirmek üçin amatly şertleri döretmäge ukyplydyr. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň we ŞHG-niň gatnaşmagynda has ýakyn amaly özara gatnaşyklary ýola goýmagyň, ýurtlarymyzyň hakyky artykmaçlyklaryna, özara bähbitlere we ählumumy geoykdysadyýete üstünlikli goşulyşmaga düşünmäge esaslanyp, ulag strategiýalaryny utgaşdyrmagyň zerurdygyna ünsi çekdi. Arkadagly Gahryman Serdarymyz Hazarüsti geçelgeleriň möhüm ornuny aýratyn nygtap, golaýda Awazada geçirilen BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynda gysga we bähbitli ugur hökmünde Hazar deňziniň ähmiýetiniň jikme-jik ara alnyp maslahatlaşylandygyny belledi. Şeýle-de hormatly Prezidentimiz Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň köp ýurtlarynyň gämi gurluşygy babatda möhüm önümçilik kuwwatlyklarynyň we baý tejribesiniň bardygyna ünsi çekip, bu ugurda hyzmatdaşlygy ýola goýmak baradaky başlangyjy öňe sürdi.

Türkmenistan ŞHG-ä agza ýurtlar bilen kommunikasiýalar, energetika, senagat kooperasiýasy, medeni-ynsanperwer ulgam ýaly ugurlarda-da netijeli hyzmatdaşlygy dowam etdirmäge taýýardyr. Bu ýerde gürrüň, hususan-da, aragatnaşyk pudagynda täze iri taslamalary amala aşyrmak, guramanyň düzümine girýän döwletlere iberilýän tebigy gazyň, elektrik energiýasynyň ugurlaryny we möçberini artdyrmak barada barýar. Şular bilen birlikde, döwlet Baştutanymyz häzirki «ŞHG+» mejlisinde HHR-iň Başlygy Si Szinpin tarapyndan öňe sürlen Ählumumy dolandyryş başlangyjyny goldaýandygyny mälim etdi.

# ŞHG ÝURTLARY GURAMANYŇ ÖSÜŞ BANKYNY DÖREDER

Şanhaý hyzmatdaşlyk guramasyna (ŞHG) agza döwletler ŞHG-niň Ösüş bankyny döretmek babatdaky başlangyjy goldamagy beýan etdiler.

Bu barada Týanszinde geçirilen ŞHG sammitiniň netijeleri boýunça kabul edilen jarnamada bellenilip geçilýär.

“Gyzyklanma bildirýän agza döwletler, ŞHG Ösüş bankyny döretmegiň ähmiýetini tassyklap, onuň esaslandyrylmagy hem-de bu maliýe institutynyň işiniň ähli meseleleri boýunça maslahatlaşmalary işjeňleşdirmek barada karar kabul etdiler” diýip, resminamada bellenilýär.




Ahyrky jarnamada şeýle hem taraplaryň emeli intellekt bilen baglanyşykly howpsuzlyk töwekgelçilikleriniň öňüni almak boýunça bilelikde işlemäge, BMG-ni häzirki syýasy we ykdysady ýagdaýlara uýgunlaşdyrmagyň zerurdygyny nygtamaga, gurama bilen ýokary derejede dialogy dowam etmäge, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna garşy göreşde hyzmatdaşlyga taýýardygyny bildirmäge hem-de ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk barada ylalaşandyklary görkezilýär.

# GAZAGYSTAN WE HYTAÝ 15 MLRD DOLLARLYK ÝLALAŞYKLARA GOL ÇEKDI

Hytaýda saparda bolan Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew 8-nji gazak-hytaý işewürler geňeşiniň mejlisine gatnaşdy. Onuň jemleri boýunça Gazagystan bilen Hytaý 15 milliard dollarlyk täjirçilik ylalaşyklaryna gol çekdiler.

Bellenilişine görä, ýüzden gowrak gazak we hytaý kompaniýalary bu geňeşiň mejlisiniň netijeleri boýunça 70-den gowrak täjirçilik resminamasyna gol çekdiler. Ylalaşyklara energiýa, sanlylaşdyrma, gurluşyk, metallurgiýa, telekommunikasiýa, ulag we logistika ýaly ugurlar girýär.



“Bu örän gowy görkezijidir. Munuň diňe artjakdygyna ynanýaryn. Gazagystanda dünýä derejesindäki CNPC, CITIC, SINOPEC, HUAWEI ýaly iri korporasiýalary hem öz içine alýan hytaý maýasy bilen 6 müňden gowrak kärhana üstünlikli işleýär. Diňe iri däl, orta telekeçilik hem giňden wekilçilik edýär” diýip, Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew geňeşiň mejlisinde çykyşynda belledi.

Tokaýew şeýle hem Hytaýyň eýýäm Gazagystanyň ykdysadyýetine 27 milliard dollar maýa goýandygyny nygtady. Ol şeýle hem maliýe pudagynda gazak-hytaý işewür gatnaşyklaryny berkitmäge çagyrdy.



# SI SZINPIN: ŞHG DÖWLETLERINIŇ YKDYSADYÝETI 30 TRILLION DOLLARA GOLAÝLADY







Hytaýyň Týanszin şäherinde Şanhaý hyzmatdaşlyk guramasynyň (ŞHG) agza döwletleriniň Baştutanlar geňeşiniň mejlisi başlady. Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygyi Si Szinpiniň başlyklyk etmeginde geçirilýän sammite Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putin, Belarusyň Prezident Aleksandr Lukaşenko, Pakistanyň Premýr-ministri Şahbaz Şarif, Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew, Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew, Gyrgyzystanyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Täjigistanyň Prezidenti Emomali Rahmonw, Eýranyň Prezidenti Masud Pezeşkian, Hindistanyň Premýer-ministri Narendra Modi gatnaşdy.

25-nji gezek geçirilen sammitde çykyş eden HHR-iň Başlygy Si Szinpin Hytaýyň Şanhaý hyzmatdaşlyk guramasyna (ŞHG) agza döwletleriň ykdysadyýetine goýýan maýa goýumlary 44 milliard ABŞ dollaryndan geçendigini aýtdy.

– Şu günki güne çenli Hytaýyň ŞHG-a agza beýleki döwletlere goýýan maýa goýumlarynyň möçberi 84 milliard dollardan geçdi, şol bir wagtda bilelikdäki ikitaraplaýyn söwdanyň ýyllyk möçberi 500 milliard dollardan hem ýokary çykdy" – diýip, Si Szipin belledi.

"Şanhaý hyzmatdaşlyk guramasy häzirki wagtda dünýäniň iň iri sebitleýin guramasyna öwrüldi. Ol 26 agzany birleşdirýär, 50-den gowrak ugurda hyzmatdaşlyk edýär we onuň umumy ykdysady mümkinçilikleri 30 trillion dollara golaý" – diýip, Hytaýyň Baştutany aýtdy.

Hytaý lideriniň bellemegine görä, halkara giňişligindäki durnuksyz ýagdaýa garamazdan, ŞHG ýurtlary "şanhaý ruhuna" berk eýerip, öňe gitmelidigini belledi.

Şeýle hem sammitde gatnaşyjy döwletleriň ýolbaşçylary çykyş etdiler.

Şol bir wagtda sammitiň çäklerinde 20-den gowrak resminama gol çekildi. Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyna agza döwletleriň arasynda sanly ykdysadyýet, energiýanyň durnukly ösüşi, "ýaşyl" senagat, emeli intellekt, köp taraplaýyn söwda ulgamyny ösdürmek boýunça bilelikdäki beýannamalar kabul edildi.

# PEKINDE RUSSIÝANYŇ, HYTAÝYŇ WE MONGOLIÝANYŇ ÝOLBAŞÇYLARYNYŇ ÜÇTARAPLAÝYN DUŞUŞYGY BOLDY







Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin Hytaýa amala aşyrýan saparynyň çäklerinde Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpin bilen Mongoliýanyň Prezidenti Uhnaagin Hurelsuh bilen duşuşdy.

Pekinde Hytaýyň, Russiýanyň we Mongoliýanyň ýolbaşçylarynyň ýedinji üçtaraplaýyn duşuşygyny geçirmek, üçtaraplaýyn hyzmatdaşlygyň netijelerini jemlemek we geljekdäki hyzmatdaşlygyň meýilnamalaryny kesgitlemek üçin örän şat, diýip HHR-iň Başlygy belledi.

Soňky ýyllarda üç ýurduň ýolbaşçylarynyň umumy ýolbaşçylygynda Hytaý–Russiýa–Mongoliýa hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdi we hakyky netijeleri berdi. Üçtaraplaýyn hyzmatdaşlygyň orta möhletli "ýol kartasy" üstünlikli amala aşyrylýar, üçtaraplaýyn haryt dolanyşygy artýar, söwda-ykdysady, ylmy-tehniki, ekologik we medeni-gumanitar hyzmatdaşlyk yzygiderli çuňlaşýar.

Hytaý–Mongoliýa–Russiýa ykdysady geçelgesini döretmek maksatnamasynyň çäginde amala aşyrylýan möhüm bilelikdäki taslamalar üçtaraplaýyn hyzmatdaşlyga täze güýç berdi. Hytaý tarapy muny ýokary baha berýär.

Mongoliýa öz ebedi goňşulary we giň möçberli strategik hyzmatdaşlary Hytaý we Russiýa bilen ikitaraplaýyn we üçtaraplaýyn gatnaşyklary çuňlaşdyrmak üçin yzygiderli tagalla edýär, özara peýdaly hyzmatdaşlygy giňeltmäge çalyşýar.

Soňky 10 ýyldan gowrak wagtyň dowamynda üç döwletiň ýolbaşçylarynyň ýolbaşçylygynda hyzmatdaşlyk ep-esli giňeldi. Hytaý–Mongoliýa–Russiýa ykdysady geçelgesini döretmek maksatnamasynyň durmuşa geçirilmeginde anyk netijelere ýetildi. 2022-nji ýylda Samarkantda bu maksatnamanyň möhletini 5 ýyl uzaltmak barada ylalaşyk gazanyldy, geçen ýylyň noýabrynda bolsa onuň çäginde ýerine ýetiriljek 33 taslamanyň täze sanawy tassyklandy.

Şeýle hem maksatnamanyň möhletini 2031-nji ýyla çenli ýene 5 ýyl uzaltmak barada ylalaşyk gazanyldy. Mongoliýa infrastruktura, ulag, logistika, energetika we söwda ugurlarynda bilelikdäki taslamalara aýratyn ähmiýet berýär.

2024-nji ýylda Mongoliýanyň başlangyjy bilen Yslamabatda ilkinji gezek üç ýurduň hökümet baştutanlarynyň duşuşygy üstünlikli geçirildi. Bu ýyl Russiýada nobatdaky duşuşygy geçirmek barada ylalaşyk gazanyldy.

# ÖZBEGISTAN AŞGABATDA GEÇIRILJEK HALKARA SERGIDE LUKMANÇYLYK MÜMKINÇILIKLERINI HÖDÜRLÄR

Lukmançylyk hyzmatdaşlygynyň ösdürilmegi Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministri Myrat Mämmedow bilen Özbegistanyň Türkmenistandaky ilçisi Rawşanbek Alimowyň arasynda geçirilen duşuşygyň esasy mowzugy boldy. Gepleşikleriň dowamynda jemgyýet üçin möhüm ugurda ikitaraplaýyn gatnaşyklary berkitmegiň ýollary ara alnyp maslahatlaşyldy. Bu barada özbek metbugaty habar berdi.



Taraplar hünärmenleriň, lukmanlaryň, şeýle hem derman we lukmançylyk önümlerini öndürijileriň arasynda tejribe alyşmagyň möhümdigini bellediler. Bu, öz gezeginde iki ýurtda lukmançylyk hyzmatlarynyň hiline oňyn täsir etjek öňdebaryjy tejribäni we tehnologiýalary ornaşdyrmaga mümkinçilik berer.

Duşuşykda çaga onkologiýasy üçin halkara akademiki merkez döretmek meselesi hem maslahatlaşyldy. 10-12-nji oktýabr aralygynda Aşgabatda geçiriljeksaglygy goraýyş, bilim we sport bilen baglanyşykly halkara sergisine aýratyn üns berildi.

Taraplar bu giň gerimli çäräniň çäginde Özbegistanyň lukmançylyk we farmasewtiki mümkinçiliginiň tanyşdyrylyşyny guramagyň mümkinçiligi barada pikir alyşdylar. Duşuşyk Türkmenistan bilen Özbegistanyň arasynda saglygy goraýyş, derman senagaty we lukmançylyk ylmy pudagynda has netijeli hyzmatdaşlyk üçin giň we uly mümkinçilikleriň bardygyny tassyklady.

# TÜRKMENISTAN BILEN GAZAGYSTAN SEBIT HYZMATDAŞLYGY ÖSDÜRER

Türkmenistanyň Balkn welaýatynyň häkimi Hojamyrat Aşyrmyradowyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet Gazagystanyň Mangistau oblastynda saparda bolup, bu sebitiň häkimi Nurdaulet Kilybaý bilen duşuşdy. Duşuşykda 2025-2027-nji ýyllardaky strategik hyzmatdaşlygy ösdürmek maksatnamasy we sebitara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen ugurlar ara alnyp maslahatlaşyldy.

Gazak sebitiniň ýolbaşçysy özara hyzmatdaşlygy ösdürmek ähli mümkinçiliklere eýediklerini belläp, şeýle diýdi:



– Döwlet Baştutanlarymyzyň özara saparlary Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygyň aýdyň subutnamasydyr we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge giň mümkinçilik berýär. Biz Mangistau sebiti bilen Balkan welaýatynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy goldaýarys. Nebitgaz, logistika, oba hojalygy, medeniýet we syýahatçylyk ugurlarynda giň mümkinçilikler bar. Esasy maksat – anyk taslamalaryny durmuşa geçirmekden ybaratdyr. Biz muňa taýýardyrys.

Şeýle hem taraplar sebitde ýaşaýanlar üçin 5 günlük wizasyz düzgüniň täzeden dikeldilmek başlangyjyny goldadylar we munuň ynsanperwer, medeni we ykdysady gatnaşyklary pugtalandyrmaga mümkinçilik berjekdigini bellediler.

Taraplar sebitara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak üçin bilelikdäki anyk taslamalary durmuşa geçirmäge taýýardyklaryny aýtdylar.

2025-nji ýylyň birinji ýarymynda Türkmenistan bilen Gazagystanyň bu sebitiniň arasynda söwdanyň möçberi 19 göterim artdy. Şeýle hem sebitde 20 sany bilelikdäki kärhana hereket edýär. Gazagystanyň bu sebitinde Türkmenistandan 35 talyp bilim alýar.

# Italiýaly meşhur modaçy Jorjo Armani aradan çykdy

Meşhur italiýaly dizaýner we "Giorgio Armani" moda öýüniň esaslandyryjysy Jorjo Armani 91 ýaşynda aradan çykdy. Bu barada "Armani Group" kompaniýasy habar berdi.

Bellenilişine görä, modelýer ýakynlarynyň arasynda aradan çykdy. Jorjo Armani öz kompaniýasyny 1975-nji ýylda esaslandyrdy we şondan bäri ol Italiýanyň stiliň nyşanyna öwrüldi. Ýarym asyrda "Giorgio Armani" brendi nepisligiň nyşany boldy. "Maşgala we işgärler topary onuň gymmatlyklaryny hormatlap we goldap öňe alyp bararlar" diýip, kompaniýanyň beýanatynda aýdylýar.



Şeýle hem Jorj Armani 2008-nji ýylda "Milan" basketbol kluby satyn alyp, ýeke-täk eýesi boldy we toparyň dolandyrylyşyny düýpli üýtgetdi. Onuň ýolbaşçylygynda «Milan» uly üstünliklere ýetdi: Italiýanyň çempionlygy boýunça alty çempionlyk derejesini, dört Italiýa kubogyny we ýurduň bäş Superkubogyny gazandy.

Armani maýa goýmak bilen çäklenmedi – ol klubyň ösüşine şahsy gatnaşyp, ony Ýewropadaky iň durnukly we abraýly toparlaryň birine öwürdi.

# Isak Angliýanyň taryhynda iň gymmat futbolçy boldy

Angliýanyň "Liwerpul" kluby 25 ýaşly hüjümçi Aleksander Isagyň "Nýukasl" toparyndan geçendigini resmi taýdan mälim etdi. "Liwerpul" kluby 125 million funt-sterling kesgitlenen töleg töler, umumy baha bolsa goşmaça tölegler bilen birlikde 130 milliona ýetýär. Bu hem Isagyň "Liwerpula" transferi Angliýa futbolynyň taryhynda rekord boldy.

Bellenilip geçilmeli zat, tomusky transfer döwründe "Liwerpul" topary Premýer Liganyň rekordyny goýupdy. Bu iňlis topary Germaniýanyň "Bayer" toparyndan Florian Wirtz üçin 116 million funt-sterling töläpdi.



Şeýlelikde, bu topar Angliýanyň futbol çempionatyndaky rekordyny birnäçe aý soňra täzeledi.

Şwed futbolçy Isak futbol taryhynda iň gymmat üç futbolçynyň biridir. Ondan öň Neýmar bilen Mbappe geýýär. Aleksander Isagyň bolsa, transfer bahasy ýewro möçberinde 150 million ýewro barabardyr. Şonuň üçin ol futbol taryhyndaky iň gymmat 3-nji futbolçydyr.

# Futbol toparlary tomusky transferde rekord pul sarp etdiler

FIFA halkara furamasynyň maglumatyna görä, transfer çykdajylary 9,76 milliard dollara ýetip, bu 2024-nji ýyldaky görkezijiden 50%-den hem köpräk boldy.

Tomusky transfer döwri 1-nji iýundan 2-nji sentýabra çenli dowam etdi, şol sanda ABŞ-da geçirilýän klub dünýä çempionatyna görä 1–10-njy iýun aralygyndaky ýörite döwri hem öz içine aldy. Şol döwürde erkekler professional futbolynda diýen ýaly 12 müň halkara transferi hasaba alyndy we bu täze rekord boldy.




Iň köp çykdajy iňlis klublarynyň paýyna düşdi – olar 3 milliard dollardan gowrak serişde sarp etdiler, bu bolsa milli assosiasiýalaryň arasynda rekord görkezijidir.

# Owganystana ynsanperwerlik kömegi iberildi

Dünýäň paýtagtymyzyň Halkara howa menzilinden Owganystanyň ýertitremeden ejir çeken çagalaryna we ýaşaýjylaryna ynsanperwerlik kömegi ugradyldy. Munuň özi ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda türkmen halkynyň dünýä nusgalyk asylly ýörelgeleriniň häzirki döwrüň ruhuna kybap derejede dowam etdirilýändiginiň nobatdaky beýanydyr.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gol çeken Buýrugyna laýyklykda, goňşy owgan halkyna, ilkinji nobatda, Owganystanyň ýertitremeden ejir çeken çagalaryna dokma, azyk önümleri, egin-eşikler hem-de durmuşda zerur bolan beýleki önümler ynsanperwerlik kömegi hökmünde ugradyldy. Türkmen halkynyň ynsanperwerlik ýaly gadymdan gelýän ýagşy dessury kömege mätäçlere howandarlyk goluny uzatmak ýörelgeleri arkaly dowam etdirilýär.

Owganystanda bolan ýertitreme zerarly ejir çekenlere Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň adyndan ynsanperwerlik kömeginiň iberilmegi hem ýurdumyzda şeýle asylly ýörelgelere möhüm ähmiýet berilýändigini nobatdaky gezek äşgär edýär. Türkmenistan öz ösüşiniň täze tapgyrynda beýleki ugurlar bilen bir hatarda, medeni-ynsanperwer ulgamda hyzmatdaşlygy hem barha işjeňleşdirýär, kömege mätäçlere yzygiderli hemaýat-goldaw berýär. Munuň özi Owganystanda bolup geçen ýertitreme zerarly ejir çekenlere Gahryman Arkadagymyzyň adyny göterýän gazna tarapyndan iberilen ynsanperwerlik ýükleriniň mysalynda-da öz beýanyny tapdy. "Türkmenhowaýollary" döwlet gullugynyň ýük uçary Aşgabat – Kabul ugry boýunça ýörite uçuşy amala aşyryp, goňşy ýurtda bolup geçen ýertitreme zerarly ejir çekenlere niýetlenen dürli önümleri we harytlary owgan halkyna ýetirdi.

Goňşy ýurtda Türkmenistandan ugradylan ynsanperwerlik ýüküni kabul etmek çäresi ýakymly pursatlara beslendi. Oňa gatnaşyjylar owgan halkyna yzygiderli kömek-goldaw berýändigi üçin türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyza we hormatly Prezidentimize alkyşlaryny beýan etdiler.

# AFC-2 Çempionlar ligasy: "Ahal" topary duşuşyklaryny «Arkadag» stadionynda geçirer

Aziýanyň ikinji derejeli çempionlar ligasynda ýurdumyza wekilçilik edýän "Ahal" futbol kluby toparçalaýyn tapgyrdaky duşuşyklarynyň öýünde geçirilmeli ähli duşuşyklaryny Arkadag şäherindäki "Arkadag" stadionynda geçirer. Bu abraýly halkara ýaryşda "Arkadag" topary bilen bilelikde çykyş edýän «Ahalyň» garşydaşlary Hindistanyň «Mohun Bagan», Iordaniýanyň «Al-Husseýn» we Eýranyň «Sepahan» toparlarydyr.

AFC-2 Çempionlar ligasynyň toparçalaýyn tapgyrynyň duşuşyklary 16-njy sentýabrdan 24-nji dekabr aralykda geçiriler. Her topar öz meýdançasynda we myhmançylykda üç oýun geçirer. Pleý-off tapgyrda her toparçadan iň gowy iki topar ýaryşy dowam etdirer. 2025/2026 möwsüminiň AFC-2 Çempionlar ligasynyň toparçalaýyn tapgyrynda «Ahalyň» oýunlarynyň tertibi:

1-nji tapgyr (16-njy sentýabr, sişenbe)
19:15 «Mohun Bagan» – «Ahal»

2-nji tapgyr (30-njy sentýabr, sişenbe)
18:45 «Ahal» – «Al-Husseýn»

3-nji tapgyr (21-nji oktýabr, sişenbe)
18:45 «Ahal» – «Sepahan»

4-nji tapgyr (4-nji noýabr, sişenbe)
19:30 «Sepahan» – «Ahal»

5-nji tapgyr (25-nji noýabr, sişenbe)
18:45 «Ahal» – «Mohun Bagan»

6-njy tapgyr (23-nji dekabr, sişenbe)
16:45 «Al-Husseýn» – «Ahal»

# "Forbes" baýlaryň sanawy yglan edildi: Türkiýeden 4 adam sanawa girýär

"Forbes" žurnaly 2025-nji ýylyň iň baý adamlarynyň sanawyny çap etdi. Ilon Mask 415,6 milliard dollarlyk baýlygy bilen birinji orundaky ornuny saklap galyp, Türkiýeden Murat Ülker, Şaban Jemil Kazanjy, Ipek Kyraç we Erman Ilyjak sanawa girmegi başardy. Türk işewürleri baýlygyny artdyrmak bilen dünýä derejesindäki sanawda orun aldylar. "Forbes" žurnalynyň beren maglumatyna görä, 1-nji sentýabr 2025 ýagdaýyna taýýarlanan dünýäniň iň baý milliarderleri sanawy, ABŞ biržalarynyň güýçli ösüşiniň umumy baýlygyň artmagyna möhüm täsir edendigini görkezýär. Bu ýylky sanawda Türkiýeden dört işewür hem baýlyklarynyň epesli ýokarlanmagy bilen girmegi başardy.

### DÜNÝÄ SANAWY

Sanawdaky dünýäniň ilkinji 10 baý adamy we olaryň baýlyklary:

* **Ilon Mask** *(Tesla, SpaceX, xAI, X): 415,6 mlrd.$*
* **Larri Ellison** *(Oracle): 270,9 mlrd. $*
* **Mark Zukerberg** *(Meta): 253 mlrd. $*
* **Jeff Bezos** *(Amazon): 240,9 mlrd. $*
* **Larry Page** *(Google): 178,3 mlrd. $*
* **Sergeý Brin** *(Google): 165,9 mlrd.$*
* **Bernard Arno** *(LVMH): 154,1 mlrd.$*
* **Stiw Ballmer** *(Microsoft): 151,3 mlrd.$*
* **Jensen Huang** *(Semiconductors): 150,4 mlrd.*
* **Warren Baffett** *(Berkshire Hathaway): 150,4 mlrd.$*

### TÜRKIÝEDEN DÖRT ADAM SANAWDA

Türkiýeden dört işewür dünýäniň milliarderler sanawyna girmegi başardy.

* **Murat Ülker:** *5,4 mlrd.$ baýlygy bilen 731-nji orunda.*
* **Şaban Jemil Kazanjy:** *4,5 mlrd. $ baýlygy bilen 875-nji orunda.*
* **Ipek Kyraç:** *3 mlrd.$ baýlygy bilen 1322-nji orunda.*
* **Erman Ilyjak:** *2,9 mlrd. $ baýlygy bilen 1336-njy orunda.*









# Konor Makgregor prezidentlige dalaşgär bolmakçy

"UFC" ýaryşlarynyň ady rowaýata öwrülen türgeni Konor Makgregor resmi taýdan Irlandiýanyň prezidenti wezipesine dalaşgär boldy. Ol resmi taýdan dalaşgär boljakdygyny belläp, Irlandiýanyň halkyny özüne goldaw bermegini sorap wideoýüzlenme bilen çykyş etdi. 37 ýaşyndaky Dublin şäheriniň ýaşaýjysy Makgregor 24-nji oktýabrda geçiriljek saýlawlara gatnaşmak isleýär.

Prezident saýlaswlary üçin dalaşgärleri hödürlemek möwsümi 24-nji sentýabrda tamamlanýar. Ýurduň kanunçylygyna laýyklykda, dalaşgär bolmak üçin parlamentiň 20 agzasynyň ýa-da 31 ýerli geňeşiň 4 agzasynyň goldawyny almak zerurdyr.



Konor Makgregoryň jemgyýetçilik torundaky wideoýüzlenmesini dünýäniň iň baý işewüri Ilon Mask hem goldap çykyş etdi.

Söweş sungaty boýunça dünýä belli türgeniň esasy garşydaşlary garaşsyz dalaşgär Ketrin Konnolli we "Fine Gael" partiýasynyň dalaşgäri, ozalky ministr Hizer Hamfris bolup biler. Ýurduň iri partiýasy bolan "Fianna Fail" partiýas entek öz dalaşgärini yglan etmedi.

# NASA: ABŞ 2030-njy ýyllaryň başynda adamlary Marsa ibermegi meýilleşdirýär

ABŞ-nyň ulag ministri, NASA-nyň direktorynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji Şon Daffi "Fox News" teleýaýlymyna beren interwýusynda, ABŞ-nyň 2030-njy ýyllaryň başynda adamlary Marsa ibermegi meýilleşdirýändigini aýtdy.



Onuň sözlerine görä, bu missiýa sekiz aýdan gowrak dowam eder.

«Marsa uçmak üçin sekiz aýdan gowrak wagt gerek bolar, soňra ol ýerde galmaly bolar we soň yzyna gaýtmak gerek», – diýip, Daffi belledi.

Şol bir wagtyň özünde, ol bu meýilnamalary örän möhüm diýip atlandyrdy we missiýanyň dowamynda astronawtlaryň ýaşaýyşyny üpjün etmekde Aýa uçuş tejribesiniň möhüm ähmiýetiniň boljakdygyny goşdy.

# Şweýsariýa öz emeli intellekt modelini hödürledi

Şweýsariýa milli dil modelini –"LLM Apertus" emeli aň modelini "ChatGPT", "Llama" we "DeepSeek" emeli aň ulgamlaryna alternatiwa hökmünde hödürledi.

Model öňdebaryjy şweýsariýa uniwersitetleri tarapyndan işlenip düzüldi we mümkinçilikleri boýunça "Meta"-nyň 2024-nji ýylyň *Llama 3* modeli bilen meňzeş diýip, "swissinfo.ch" habar berýär. Topar alymlar we işewürlik üçin ygtybarly we elýeterli ulgamy döretmäge ünsi jemleýär. Olar uly amerikan kompaniýalary bilen bäsleşmegi maksat edinmeýärler.




Modeliň ähli jikme-jigi, dizaýny we algoritmleri jemgyýetçilige açyk görnüşde elýeterlidir. Alymlar, programmaçylar bu modeli ýükläp, maglumatlaryna doly gözegçilik edip bilerler. Alymlar eýýäm "Apertus" esasynda saglyk, bilim we howa magdanlary ýaly ugurlarda taslamalary öwrenýärler diýip, metbugat gulluklary habar berýär.